# Eý, aşyklar, eý, aşyklar mezheb-u din yşkdyr maňa…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Eý, aşyklar, eý, aşyklar mezheb-u din yşkdyr maňa…




Eý, aşyklar, eý, aşyklar mezheb-u din yşkdyr maňa,
Gördi gözüm dost ýüzüni, ýas kamy dügündir maňa.
Eý, patyşah, eý, patyşah, uş men meni berdim saňa,
Genj-u hazynam kamusy sensiň meniň öňden-soňa

Owwal dahy bu akl-u jan, seniň ile asly-mekan,
Ahyr ýene sensiň mekan, uş bararam senden ýaňa.

Senden saňa barar ýolum, senden seni söýlär dilim,
Ylla saňa irmez elim, bu hikmete galdym doňa.

Aýry maňa men diýmeýem, kimsesine sen diýmeýem,
Ýa gul, ýa soltan diýmeýem, eşidenler galar taňa.

Dost yşka ulaşalydan dünýä, ahyret bir oldy,
Ezel-ebet sorar iseň, düýn ile bu gündür maňa.

Aýry bize ýas olmaýa, hiç köňlümiz bäs olmaýa,
Zyra Hakdan gelen owaz sowulmaz dügündir maňa.

Men yşkyňdan aýrylmaýam, dergähiňden sürülmeýem,
Eger mundan gider isem, seniň ile baram maňa.

Ol dost meni berip idi, «Bar, bu dünýäýi gör!» diýdi,
Geldim, gördüm, hoş araýyş, seni söýen galmaz aňa

Gullarna wada eýledi, «Ýeriň uçmah berem!» diýdi,
Ol dostlaryň söýüňdigi ýaranym bu gündür maňa.

Bu ah ile, bu zar ile bu hikmeti kim ne bile?!
Bilse dagy gelmez dile, tutdum ýüzüm senden ýaňa.

Sensiň maňa jan-u jahan, sensiň maňa genj-u nahan,
Senden durar assy-zyýan, ne iş gele menden maňa?

Ýunus saňa tutdy ýüzün, unutdy jümle kend-özün,
Jümle saňa söýlär sözün, söz söýleden sensiň maňa. Goşgular